# Ýurgeni tanaýaryn

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýurgeni tanaýaryn ÝURGENI TANAÝARYN




Germaniýanyñ Içeri işler ministri Nensi Fezer beren beýanatynda *«Compact» žurnalyny gadagan etdim. Bu žurnal ekstremistik sagçy gatlagyñ organydyr. Žurnal jöhitlere, migrant gelip çykyşly raýatlarymyza we parlamentar demokratiýamyza garşy rasizmi agza alyp bolmajak görnüşde gorjaýar»* diýdi!
Žurrnalyñ baş redaktory Ýurgen Elzesseri tanaýaryn. 2012-nji ýyl.
Türkiýäniñ sud we derñew edaralarynda FETÖ sudy höküm sürýärdi. Iki ýyla golaý wagt bäri türmede otyrdym… Mediýadaky FETÖ-ikiýüzli çepçi bilelikdeligi meni gönüden-göni azatlykdan mahrum edipdi.

Emma dünýäniñ dürli metbugat organlaryndan bolan žurnalistler «azatlyga çykarylmagym» üçin kampaniýa başlatdy. (“Galaty-Meşhur” kitabymy şolara bagyşladym).
Şol döwür amerikanlara garşy anti-imperialistik neşir pozisiýasyna eýe nemes metbugat organy «Compact» žurnalynyñ baş redaktory Ýurgen Elzesser men barada dünýä jemgyýetçiligine ýüzlenip çykyş etdi. Şeýle:




** * **

*«Soner Ýalçyn Erdoganyñ türmesinde otyr, çünki ol «Gladio»*

*terror tory hakyndaky hakykaty bilýär. Jezasyna laýyk hiç hili günäsi bolmasa-da, diñe köp zat bilýär we bilýänlerini ýazýar diýip tussag edildi.*
*Eheý, siz NATO Ýewropasynyñ gorkak we ahlaksyz mediýa işgärleri, siz Saharow adyndaky baýragy «Пусси Райот» rus pank toparynyñ a*-jyklaryna beresiñiz gelýär, şeýlemi? Eger özüñizi mundanam beter masgara edesiñiz gelmeýän bolsa, bäşje minut Soner Ýalçyn bilen gyzyklanyñ. Hakykatdanam şu baýraga mynasyp kärdeşiñiz otyr türmede…*
*Erdoganyñ sülçileri «Ergenekon derñewleri» bilen «Gladio» toruna garşy uruş yglan etdimi? Kim muña ynanýan bolsa, Soner Ýalçyna garşy açylan derñew işi bilen munuñ şeýle däldigine düşünmesi gerek. Çünki Soner Ýalçyn Türkiýede «Gladio» garşy tanalýan batyrgaý göreşijidi…*
*Hudaýyñ haky üçin aýdyñ, Soner Ýalçynyñ «Ergenokon» toruna näme dahyly bar, onuñ özi gizlin operasiýalaryñ birnäçesini paş etdi ahwetin. Bu edil Germaniýada ekstremistik sagçy NSU jenaýatlaryna goşulan döwlet organlaryny paş eden žurnalistleri tussag edip, bu žurnalistleriñ NSU agzasydygyny öñe sürmek ýaly bir zat.*
*Şundan samsyklaç zat bolup bilermi…»*




* * *

Žurnalist Elzesser şeýle dowam etdi:

*«Soner Ýalçyn türk gazetlerinde işledi, teleýaýlymlarda gepleşikleri taýýarlady, «CNN Türk»-de işledi, «Hürriyet» gazetinjñ žurnalisti boldy. «Gladio» we Türkiýedäki hapa ýerasty garpyşyklar baradaka ýazan kitaplarynyñ hersi azyndan alty gezek çap edildi. Tussag edilýänçä «Odatv» diýilýän öz habar portalyny ýöretdi.*
*Aýyplamada egindeşleriniñ (özüniñ däl) kompýuterlerinde saklanýan maglumatlar esas edilip alynýar. Ýalçyn daşardan aralaşan wirus arkaly bu maglumatlaryñ kompýuterlere ýüklenendigini aýdýar. Dört aýry hünärmen kompýuterleri barlandan soñ onuñ aýdanlaryny tassyklady. Kompýuterlerine wirus arkaly ýerleşdirilen galp maglumatlar sebäpli tussag edilip we iki ýyla golaý wagt gözenegiñ añyrsynda ýatan «Odatv»-niñ beýleki üç žurnalisti häzir daşarda. Eýsemde bolsa, kompýuterinde ln hiç zat tapylmadyk Soner Ýalçun nämüçin häzirem içerde? 21 aý bäri 24 sagat çyrasy ýanyp dyran, günde 17 sagat suwy akmaýan gözenekde. Nämüçin?*
*Ol «Ergenokon» tutha-tutlugynyñ türk goşunyny has demokrat däl-de, diñe lepbeý diýip baş egip duran hyzmatkäre öwrendigini gowy bilýär! Bular ýaly ýagdaýda Soner Ýalçyn ýaly tankytçylar we ABŞ-na gyzgyn seretmeýän tussagdaky generallar howply bolup bilerler…*
*Dünýäde parahatçylygy, demokratiýany, adam hukuklaryny we metbugat azatlygyny söýýän adamlar hökmünde Soner Ýalçynyñ AZATLYGY üçin alyp barýan göreşimiz onuñ partlaýjy potensialy bilen hasam möwjese gerek.*
*Eger kömegim degjegini bilsem, men onuñ bilen ýerimi çalyşmaga taýýar.*
*Erdogan Soner Ýalçyny azatlyga çykar! Meni gözenegiñ añyrsyna sal. Onuñ günäsi meniñem günäm».*
Ertir gürrüñimiñ yzyny dowam etdirjekdirin: Ýurgen ekstremistik sagçymy?

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 18.07.2024 ý. Publisistika